Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2019-njy ýylyň 20-nji maýynda çykaran 73-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

# Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibini tassyklamak barada

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy, 2019 ý., № 2, 730-njy sahypa)

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 8-nji maddasyna laýyklykda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň Buhgalteriýa hasabaty we maliýe müdirligi, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň pensiýa gaznasynyň müdirlikleri, etraplaryň, şäherleriň pensiýa gaznalarynyň bölümleri şu buýrugyň birinji böleginde görkezilen Tertibiň ýerine ýetirilişini üpjün etmeli.

3. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2007-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda 444 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanda bank edaralarynyň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary we döwletiň kömek pullaryny tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada” Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministriniň 2007-nji ýylyň 14-nji awgustynda çykaran 98-Ö belgili buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

4. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

5. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň müdiriýetiniň başlygynyň orunbasary, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

*“YLALAŞYLDY”*
*Türkmenistanyň Maliýe we*
*ykdysadyýet ministri* *B.Bazarow*
*«17» maý 2019 ý.*

*“YLALAŞYLDY”*
*Türkmenistanyň Merkezi bankynyň*
*müdiriýetiniň başlygy* *M.Annadurdyýew*
*«17» maý 2019 ý.*

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 20-nji maýynda çykaran 73-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň TERTIBI

(Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 22-nji maýynda çykaran 56-Ö belgili buýrugy esasynda girizilen üýtgetmeler bilen, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2020-nji ýylyň 12-nji iýunynda 1338 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan)

## I bap. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine (mundan beýläk – Kodeks), Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11991-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy hakynda Düzgünnama laýyklykda taýýarlanyp, pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemek üçin çykdajylary maliýeleşdirmegiň, pensiýa we döwlet kömek puluny alýanlara banklaryň üsti bilen tölemegiň, şeýle hem hasabaty bermegiň we olaryň tölenilişine gözegçilik etmegiň tertibini kesgitleýär.

Şu Tertipde beýan edilen adalgalar we düşünjeler Kodeksde kesgitlenen manylarda ulanylýar.

2. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralary Türkmenistanyň banklarynyň (mundan beýläk – Banklar) üsti bilen pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we beýleki tölegleriniň aşakdaky görnüşlerini töleýärler:

1) ýaşy boýunça pensiýa;
2) gulluk ýyllary boýunça pensiýa;
3) hünär pensiýasy;
4) maýyplyk boýunça pensiýa;
5) ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa;
6) toplaýyş pensiýasy;
7) şahsy pensiýa;
8) çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly;
9) çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly;

10) maýyplyk boýunça döwlet kömek puly;

11) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän döwlet kömek puly;

12) döwlet durmuş kömek puly;

13) birwagtlaýyn pul sylagy;

14) birwagtlaýyn pul kömegi.

3. Pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň tölegleri şu aşakda görkezilenleriň hasabyna maliýeleşdirilýär:

1) Kodeksiň 21-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-5-nji bentlerinde görkezilen pensiýalar Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy, hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlaryň hasabyna döredilen we beýleki çeşmelerden gelen serişdeleriň hasabyna;

2) şahsy pensiýalar Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna;

3) toplaýyş pensiýasy toplaýyş pensiýa maýasynyň hasabyna;

4) çaga doglanda berilýän, çaga seretmek boýunça, maýyplyk boýunça, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän, şeýle hem döwlet durmuş kömek puly Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleriniň hasabyna.

4. Pensiýa, döwlet kömek puly, birwagtlaýyn pul sylaglary, birwagtlaýyn pul kömegi degişli raýatyň hut özüne hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça tölenýär.

Pensiýa alýan pensiýasyny, döwlet kömek puluny alýan döwlet kömek puluny hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça almaga mümkinçiligi ýok bolsa, onda pensiýanyň, döwlet kömek pulunyň tölenilmegi onuň köplenç ýaşaýan ýeri boýunça şu tertipde amala aşyrylýar:

1) pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adam, köplenç ýaşaýan ýeri boýunça etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny köplenç ýaşaýan ýeri boýunça tölemek barada arza (şu Tertibe 1-nji goşundy) bilen ýüz tutýar;

2) köplenç ýaşaýan ýerindäki etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi tarapyndan Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adamyň köplenç ýaşaýan ýerinde ýaşaýandygyny anyklamak barada geçirilen barlagyň ykrar haty (şu Tertibe 2-nji goşundy) düzülýär we 12 aýdan köp bolmadyk möhlet bilen tölegiň amala aşyrylmagy üçin çözgüt kabul edilýär. Bu çözgüt köplenç ýaşaýan ýerindäki etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölüminiň pensiýalary we döwlet kömek pullaryny bellemek baradaky toparynyň teswirnamasy bilen resmileşdirilýär;

3) pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan ýerindäki etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi pensiýa ýa-da döwlet kömek puly iş resminamalarynyň ugradylmagyny sorap Pensiýany ýa-da döwlet kömek puluny bellän etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölüminden iş resminamalarynyň ugradylmagy barada haýyş hatyny (şu Tertibe 3-nji goşundy) ýollaýar;

4) pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny bellän etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi haýyş hata esaslanyp pensiýanyň (döwlet kömek pulunyň) iş resminamalaryny pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine haýsy döwür üçin Töleg geçirilendigi

barada güwänama (şu Tertibe 4-nji goşundy) bilen ugradýar we pensiýa (döwlet kömek puly) iş resminamasy boýunça ugradylýan senesine töleg edilýän möçberini esaslandyrýan etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölüminiň pensiýalary we döwlet kömek pullaryny bellemek baradaky topar tarapyndan çykarylan çözgüdiň arka ýüzünde ugradylandygy barada degişli bellikleri edýär;

5) pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan ýerindäki etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi tarapyndan Kodeksde bellenilen şertlere laýyklykda pensiýanyň ýa-da döwlet kömek pulunyň tölegi bes edilenden soň, onuň bes edilmeginiň sebäbini görkezmek bilen onuň adyna açylan maglumatlar binýadyndaky elektron görnüşindäki atly hasaby ýapylýar we iş resminamalary pensiýany ýa-da döwlet kömek puluny bellän etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan ýerindäki töleginiň bes edilendigi barada habarnama (şu Tertibe 5-nji goşundy) bilen ugradylýar.

5. Şahsy pensiýanyň tölegi umumy esaslarda amala aşyrylýar.

6. Işleýän pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adamyň pensiýasy ýa-da döwlet kömek puly doly möçberde tölenilýär.

7. Işleýän pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adamlara döwlet sylaglary we hormatly atlary üçin olaryň pensiýalaryna ýa-da döwlet kömek pullaryna goşmaça tölegler hasaplanyp goşulmaýar.

8. Işlemeýän pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanlara 62 ýaşynyň dolmagy bilen baglanyşykly birwagtlaýyn pul sylagynyň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda olara tölenilýän beýleki birwagtlaýyn pul sylaglarynyň çeşmesi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär.

## II bap. Pensiýalary we döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň tertibi

9. Pensiýalaryň, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleriň, döwlet kömek pullarynyň we olara goşulýan goşmaça tölegleriniň, birwagtlaýyn pul sylaglarynyň we birwagtlaýyn pul kömeginiň çykdajylarynyň maliýeleşdirilýän çeşmeleri:

1) hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy, hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlaryň hasabyna döredilen we beýleki çeşmelerden gelen serişdeleriň hasabyna:

a) ýaşy boýunça pensiýa;

b) gulluk ýyllary boýunça pensiýa;

ç) hünär pensiýasy;

d) maýyplyk boýunça pensiýa;

e) ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa;

2) toplaýyş pensiýa maýasynyň hasabyna:

a) toplaýyş pensiýa;

3) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we Merkezileşdirilen býujetiniň serişdeleriniň hasabyna:

a) şahsy pensiýa (bellenen pensiýa bilen şahsy pensiýanyň aratapawudy);

b) çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly;

ç) çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly;
d) maýyplyk boýunça döwlet kömek puly;
e) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän döwlet kömek puly;
ä) döwlet durmuş kömek puly;
f) birwagtlaýyn pul sylaglary;
g) birwagtlaýyn pul kömegi.

10. Döwlet býujetiniň we Merkezileşdirilen býujetiniň serişdeleriniň hasabyna tölenilmeli tölegleriň maliýeleşdirilmegini açmak üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleri öz tabynlygyndaky etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleriniň geljek aýdaky tölegleriň görnüşleri we býujet toparlarynyň maddalary boýunça serişdeleriň gerek bolan möçberi barada beren ýüztutma-hasaplamalaryny jemläp töleg geçirilýän aýynyň öň ýanyndaky aýyň 27-sine çenli Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyna tabşyrýarlar.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleriniň beren ýüztutma-hasaplamalaryny barlap, seljerme-düzediş işleri geçireninden soň geljek aýda pensiýalary, döwlet kömek pullaryny we birwagtlaýyn pul sylaglaryny tölemek üçin gerek boljak serişdeleriň jemlenen ýüztutma-hasaplamalaryny tutuş Türkmenistan boýunça welaýatlara we Aşgabat şäherine bölmek bilen, töleg geçirilýän aýynyň öň ýanyndaky aýyň 29-yndan gijä galman Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň üsti bilen Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine tabşyrýar.

Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy, hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlaryň hasabyna döredilen we beýleki çeşmelerden gelen serişdeleriň hasabyna tölenilmeli pensiýalaryň

ýüztutma-hasaplamalaryny aýratyn görnüşde, ýokarda bellenen tertipde we möhletlerde welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleri Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyna tabşyrýar.

11. Ýüztutma-hasaplamasy geçen aýda peýdalanylmadyk serişdeleriň galyndysyny hasaba almak bilen töleg sanawlaryň, raýatlaryň goýum hasaplaryna ýa-da bank kartlaryna geçirilýän pensiýalaryň, döwlet kömek pullaryň sanawlarynyň hem-de pensiýalardan, döwlet kömek pullaryndan (çaga doglanda berilýän we çaga seretmek boýunça döwlet kömek pullaryndan başgalar) tutulyp galynýan geçirimleriň esasynda düzülýär. Eger-de meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasy, alimentler ýa-da kazyýet ýerine ýetiriş namalary bar bolsa şolar hem göz öňünde tutulýar.

12. Ýüztutma-hasaplamasy şu aşakdaky görkezijileri özünde jemleýär:
1) pensiýalaryň görnüşleri boýunça:
a) tölege degişli pensiýa alýanlaryň sany;
b) pensiýalaryň ortaça möçberi;
ç) pensiýa alýanlara tölenmäge degişli pul möçberi (köp gezeklik tölegi hasaba almak bilen).
2) döwlet kömek pullarynyň görnüşleri boýunça:
a) tölege degişli döwlet kömek puluny alýanlaryň sany;
b) döwlet kömek pulunyň ortaça möçberi;

ç) döwlet kömek puluny alýanlara tölenmäge degişli pul möçberi (köp gezeklik tölegi hasaba almak bilen);

3) birmeňzeş görkezijiler boýunça ýüztutma-hasaplamasy birwagtlaýyn tölegleriň görnüşleriniň görkezilmegi bilen düzülýär;

4) birwagtlaýyn pul kömeginiň görnüşleri boýunça:

a) tölege degişli birwagtlaýyn pul kömegini alýanlaryň sany;

b) birwagtlaýyn pul kömeginiň möçberi;

ç) birwagtlaýyn pul kömegini alýanlara tölenilmäge degişli pul möçberi.

13. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Döwlet býujetiniň hasabyna tölenilmeli serişdeleriň ýüztutma-hasaplamasyny seljerip, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan hödürlenen harçlamagyň tertibini resmileşdirmek ýoly bilen maliýeleşdirmegi açýar.

14. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Gazna müdirligi karz serişdeleri Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň üsti bilen Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýörite hasabyna geçirýär.

15. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy ýörite hasabyna geçirilen serişdeleri welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleriniň düzen ýüztutma-hasaplamasy esasynda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleriniň ýörite hasabyna geçirýär.

16. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy, döwlet býujetiniň hasabyna we hökmany pensiýa we hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň gatançlarynyň hasabyna tölenilmeli serişdeleri welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirliklerine paýlaýar we hasaplaryna geçirýär.

17. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleri pensiýalary, döwlet kömek pullaryny, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemek üçin geçirilen serişdeleri etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümlerine geçirýärler.

18. Harçlamagyň tertibinde we býujet tabşyryklarynda, onuň adyny goýmak bilen, “Töleg geçirilýän aýynyň 1-den başlap sarp etmek hukugy bilen” diýlen bellik edilýär.

19. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri pul serişdelerini töleg tabşyryklary bilen öz hasabyndan pensiýalary, döwlet kömek pullaryny, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegi amala aşyrýan bankyň hasabyna geçirýärler.

20. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri banklar bilen ylalaşyp, töleg tabşyryklarynda görkezilen pul möçberine laýyklykda, bir aýlyk möçberi bir gezekde ýa-da tapgyrlaýyn degişli banklara geçirýärler. Şunda etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri geçirilmeli pul serişdesiniň 1-nji tapgyryny töleg geçirilýän aýynyň 1-den gijä galman geçirmelidir.

21. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri pensiýalary we döwlet kömek pullaryny, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemek üçin tölegleri açylan karz ugrunyň çäklerinde degişli maddalar boýunça geçirýärler we olary pensiýa gaznasynyň edaralarynyň çykdajylaryna degişli edýärler.

22. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümlerinde pensiýalar, döwlet kömek pullary tölenenden soň peýdalanylman galan pul serişdeleri şu aýda pensiýalary, döwlet kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylaryň üstüni ýapmaga ýeterlik serişdeleri bolmadyk pensiýa gaznasynyň bölümlerine gaýtadan paýlanyp bilner:

1) bir welaýatyň (Aşgabat şäheriniň) etraplarynyň (şäherleriniň) arasynda – welaýat pensiýa gaznasynyň müdirliginiň rugsady bilen;

2) welaýatlaryň (Aşgabat şäheriniň) arasynda – Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň rugsady bilen.

23. Toplaýyş pensiýasyny tölemek maksady bilen maliýeleşdirmegi açmak üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň edaralary töleg geçirilýän aýynyň öň ýanyndaky aýyň 27-sinden gijä galman, raýatlaryň ýüztutmalaryna laýyklykda banklara iberilýän töleg sanawlaryna ýa-da bank kartlaryna geçirilýän pensiýa toplamalaryny tölemek üçin gerek boljak serişdeleriň haýyşnamasyny düzýärler we Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyna tabşyrýarlar.

Haýyşnama şu aşakdaky görkezijileri özünde jemleýär:

1) tölege degişli raýatlaryň sany;

2) raýatlara tölenmäge degişli pul möçberi.

24. Pensiýa toplamalarynyň birwagtlaýyn tölegini maliýeleşdirmek üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň edaralaryna raýatlar tarapyndan zerur resminamalar tabşyrylandan soň, pensiýa toplamalaryny tölemek üçin gerek boljak serişdeleriň haýyşnamasyny düzýärler we Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyna iberýärler.

25. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy iberilen pensiýa toplamalaryny tölemek üçin gerek boljak serişdeleriň haýyşnamasy barlanandan soň, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýörite hasabyndan pul serişdelerini welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleriniň pensiýa toplamalaryny tölemek üçin hasaplaryna geçirýär.

26. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň pensiýa gaznasynyň müdirlikleri etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri tarapyndan tabşyrylan haýyşnamalaryň esasynda, pensiýa toplamalaryny tölemegi amala aşyrýan bankyň hasabyna geçirmek arkaly etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümlerine pul serişdelerini geçirýärler.

27. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri toplaýyş pensiýasyny alýanlaryň pul serişdelerini we töleg sanawlaryny tölegi amala aşyrýan banklara geçirýärler.

## III bap. Pensiýalaryň, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleriň, döwlet kömek pullarynyň, birwagtlaýyn pul sylaglarynyň we birwagtlaýyn pul kömeginiň töleg möhletleri we tertibi

28. Dowam edýän aý üçin pensiýalaryň, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleriň, döwlet kömek pullarynyň we olara goşulýan goşmaça tölegleriň, birwagtlaýyn pul sylaglarynyň we birwagtlaýyn pul kömeginiň tölegleri her aýyň 1-inden 22-si aralygynda amala aşyrylýar.

29. Pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, birwagtlaýyn pul sylaglarynyň we birwagtlaýyn pul kömeginiň töleglerini alýanyň hut özüne:

1) hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasyna onuň hut özi gelip, pasportyny (ornuny tutýan resminamany) görkezen ýagdaýynda tölenilýär;

2) ýaşynyň gartaşandygy bilen bagly, ýagny 70 ýaşyna ýetenlere (ýazmaça arzalary esasynda) ýa-da agyr kesellilere (Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň, (mundan beýläk - HMAT) netijenamasy bilen tassyklanan) öýüne eltip bermek arkaly tölenýär;

3) mejbury bejerişde bolýan we psihiatrik edarasynda bejergi alýan adamlardan başga, ýatymlaýyn bejergide bolýan adamlara pensiýalaryny (döwlet kömek pullaryny) tölemek, bejergide bolýan ýerine her aýda eltip bermek bilen doly möçberde amala aşyrylýar;

4) mejbury bejerişde bolýan adamlara pensiýa ýa-da döwlet kömek puly haýsydyr bir möhlet we möçber bilen çäklendirilmezden bejergiden çykanlaryndan soň tölenilýär

30. Saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly pensiýany, döwlet kömek puluny alandygy barada gol çekmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda pensiýa, kömek puly tölenýän pursatynda näsagyň ýanynda bolýan adama tölenýär. Pensiýany ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň gol çekmäge mümkinçiliginiň bolmandygy (ýoklugy) we (ýa-da) kesekiniň idegine mätäçlik çekýänligi hökmany ýagdaýda degişli saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berilýän güwänama bilen tassyklanýar. Görkezilen töleg Beden mümkinçilikleri çäkli adama pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny tölemek hakynda ykrar haty (şu Tertibe 6-njy goşundy) düzmek bilen amala aşyrylýar. Bu ykrar haty üç asyl nusgada düzülýär. Onuň bir nusgasy pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanda, beýlekisi töleýji bankda galýar, bir nusgasy bolsa, etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine gaýtarylýan pensiýanyň, döwlet kömek pulunyň, birwagtlaýyn pul sylagynyň we birwagtlaýyn pul kömeginiň töleg sanawyna çatylýar.

31. Psihiatrik edarasynda 60 güne çenli möhlet bilen ýatymlaýyn şertlerde bejergi alýan adamlara şol döwür üçin pensiýa (döwlet kömek puly) olar bejergiden çykandan soň tölenilýär.

Psihiatrik edarasynda 60 günden köp möhlet bilen ýatymlaýyn şertlerde bejergi alýan adamlara pensiýa (döwlet kömek puly) şu aşakdaky möçberlerde tölenilýär:

1) bellenilen pensiýanyň, oňa goşulýan goşmaça tölegleri (muňa döwlet sylaglary üçin goşmaça tölegler degişli däldir) hasaba almak bilen 20 göterimi möçberinde, ýöne degişli pensiýanyň bellenilen iň pes möçberiniň 40 göteriminden az bolmadyk möçberde;

2) toplaýyş pensiýa usuly boýunça bellenilen pensiýasy doly möçberde;

3) döwlet kömek pulunyň tölenilmegi bellenýän puluň, oňa goşulýan goşmaça tölegleri (muňa döwlet sylaglary üçin goşmaça tölegler degişli däldir) hasaba almak bilen 20 göterimi möçberinde geçirilýär, ýöne döwlet kömek pullarynyň hasaplanylmagy üçin bellenilen binýatlyk ululygyň 20 göteriminden az bolmadyk möçberde.

32. Psihiatrik edarasynyň ýolbaşçylygy pensiýa ýa-da döwlet kömek pulyny alýan adam bejergi almaga gelende we bejergiden çykanda, 5 (bäş) senenama gününiň dowamynda bu barada Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna habar bermäge borçludyr.

33. Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan pasportyny ýitiren halatynda, şeýle hem beýleki ýagdaýlarda pensiýasyny, döwlet kömek puluny we birwagtlaýyn pul sylaglaryny tölemek Türkmenistanyň Adalat ministrliginde

2017-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda 1041 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň 2016-njy ýylyň 26-njy dekabrynda çykaran 304 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda pasport ulgamy hakynda Düzgünnamany ulanmagyň tertibi baradaky Gollanmanyň 9-njy goşundysynda görkezilen Pasportyny ýitiren raýata wagtlaýyn berilýän kepilnama Görnüş-9 esasynda amala aşyrylýar.

Pensiýa ýa-da döwlet kömek puly şahadatnamasy ýitirilen halatynda raýat ýaşaýan ýeri boýunça etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine ýüz tutýar. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi bellenen tertibe laýyklykda täze şahadatnamany resmileşdirýär we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýana berýär.

34. Pensiýa, döwlet kömek puly, ony alýan adamyň arzasy boýunça onuň bankda açylýan hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilip bilner. Şeýle ýagdaýda pensiýany ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlar her alty aýdan Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna tölegiň yzygiderli dowam edilmegi üçin gelmäge borçludyrlar.

Pensiýa ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlar gelmedik ýagdaýynda, olaryň tölegi wagtlaýyn saklanylýar we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň hut özi gelip, pasportyny (ornuny tutýan resminamany) görkezen ýagdaýynda töleg hiç bir möhlet bilen çäklendirmezden dowam edilýär.

Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adamyň goýum hasaby ýa-da bank karty banklar tarapyndan göz öňünde tutulan umumy esaslarda açylýar.

Pensiýalaryň (döwlet kömek pullarynyň) goýum hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilýän möhleti tamamlanandan soň, bankyň kadalaryna we bank bilen hasap eýesiniň arasynda baglaşylan ylalaşygynyň şertlerine laýyklykda hyzmat edilýär.

35. Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan Türkmenistanyň çäginde başga bir etraba (şähere) hemişelik ýaşamak üçin göçen halatynda pensiýanyň ýa-da döwlet kömek pulunyň tölegi ýazgydan çykan aýynyň yz ýanyndan gelýän aýyň 1-inden togtadylýar we göçüp gelen ýerinde ýazga durup bilmedik halatynda şu Tertibiň dördünji böleginde bellenilen tertibe laýyklykda resmileşdirilen ýagdaýynda, tölegiň togtadylan senesinden başlap tölegi dowam etdirilýär.

36. Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanlaryň geçen döwür üçin öz wagtynda talap etmedik, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasy ýa-da banklar tarapyndan tölenilmedik pensiýalary (döwlet kömek pullary) haýsydyr bir möhlet ýa-da möçber bilen çäklendirilmezden tölenilýär.

37. Adam HMAT tarapyndan maýyplygy bolan adam diýlip gaýtadan ykrar edilen halatynda, maýyplyk boýunça pensiýanyň (döwlet kömek pulunyň) tölegi Kodeksiň 43-nji maddasynyň ikinji böleginiň 3-nji bendine we 81-nji maddasynyň

ikinji böleginiň 5-nji bendine laýyklykda bes edilen gününden, ýöne gaýtadan ykrar edilen gününden iki aýdan köp bolmadyk döwür üçin dikeldilýär. Şeýle ýagdaýda eger gaýtadan ykrar edilen maýyplygy bolan adam, maýyplygyň beýleki toparyna geçirilen bolsa, görkezilen döwür üçin maýyplyk boýunça pensiýa (döwlet kömek puly) öňki maýyplygyň topary boýunça tölenilýär.

38. Toplaýyş pensiýa geçen döwür üçin haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenýär.

39. Pensiýalaryň tölenilmegi şu aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

1) pensiýa alýan adam hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden göçüp gidende - göçüp giden aýynyň yz ýanyndan gelýän aýyň 1-den;

2) pensiýa alýan adama pensiýanyň beýleki bir görnüşi bellenilende - pensiýanyň şeýle görnüşi bellenilen gününden;

3) HMAT-yň maýyplygy ykrar etmek hakynda netijenamasynyň möhletiniň gutarmagy, - netijenamanyň möhletiniň gutaran aýynyň yz ýanyndan gelýän aýyň birinden;

4) pensiýa alýan adam aradan çykanda - aradan çykan aýynyň yz ýanyndan gelýän aýyň 1-nden.

40. Ätiýaçlandyrylan şahslara pensiýa toplamalary şu aşakdaky ýagdaýlarda olaryň pensiýa ýaşyndan öň doly möçberde bir wagtda tölenilip bilner:

1) olaryň bellenen tertipde I, II ýa-da III topardaky maýyplygy bolan adam diýlip ykrar edilende;

2) sanawy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministligi tarapyndan kesgitlenýän keselleri wagtynda ýüze çykarmak, gaýra üzülmeleriň, keseliň agyrlaşmagynyň öňüni almak üçin maddy serişdeler talap edilýän bejergi alynmagy zerur bolanda;

3) hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp gidenlerinde;

4) Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň çözgüdine laýyklykda – aýratyn halatlarda.

41. Gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar üçin öý-internatlarynda (pansionatlarda) ýaşaýan pensiýa alýanlara pensiýalar şu aşakdaky möçberlerde tölenilýär:

1) şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça bellenilen pensiýanyň 20 göterimi möçberinde, ýöne degişli pensiýanyň bellenilen iň pes möçberiniň 40 göteriminden az bolmadyk möçberde;

2) toplaýyş pensiýa usuly boýunça bellenilen pensiýasy doly möçberde.

42. Gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar üçin öý-internatlarynda,

mekdep-internatlarynda, çagalar öýlerinde we beýleki edaralarda hemişelik ýaşaýan doly döwlet üpjünçiliginde bolýan adamlara, döwlet kömek pulunyň tölenilmegi bellenýän puluň 20 göterimi möçberinde geçirilýär, ýöne döwlet kömek pullarynyň hasaplanylmagy üçin bellenilen binýatlyk ululygyň 20 göteriminden az bolmaly däldir.

43. Azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde jezasyny çekýän adama bellenilen pensiýanyň (döwlet kömek pulunyň) tölenilmegi, düzediş edarasynyň soramagy boýunça Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň onuň ýerleşýän ýerindäki edarasy tarapyndan bu adamyň düzediş edarasyndaky atly hasabyna ýa-da raýatyň islegi

boýunça onuň hemişelik ýaşaýan ýerindäki Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edarasy tarapyndan bankda açylan atly hasabyna geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

Düzediş edarasy azatlykdan mahrum ediş ýerinde jezasyny çekýän we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adamy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hasaba alandygy we hasapdan çykarandygy barada 5 (bäş) senenama gününiň dowamynda bu barada özüniň ýerleşýän ýerindäki Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasyna habar berýär.

44. Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar, 18 ýaşa çenli maýyplygy bolan çagalar ýa-da kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen fiziki şahslar üçin pensiýa, döwlet kömek puluny alýan adamyň azatlykdan mahrum edilen ýa-da mejbury bejerişe çekilen halatlarynda pensiýa ýa-da döwlet kömek puly onuň ata-enesiniň biriniň ýa-da hossarynyň, ýa-da howandarynyň adyna degişli çözgüdiň (kazyýetiň çözgüdiniň, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdiniň, saglygy goraýyş edarasynyň netijenamasynyň) esasynda gaýtadan resmileşdirilýär we hiç-hili çäklendirilmezden geçen döwür üçin tölenilýär.

45. 62 ýaşy dolan işlemeýän pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanlara birwagtlaýyn pul sylagy pul sylagynyň tölenilýän günündäki pensiýasynyň (döwlet kömek pulunyň) bir aýlyk möçberinde tölenilýär.

Raýatlara birwagtlaýyn pul sylagy, olaryň 62 ýaşy dolan gününe Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynda hasaba alnandygyna ýa-da alynmandygyna garamazdan, tölenilýär.

46. Ýetim çagalara we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalara ýazuw we okuw esbaplaryny almak üçin Türkmenistanyň döwlet býujetiniň hasabyna birwagtlaýyn pul kömegi tölenilýär, muňa doly döwlet üpjünçiliginde bolýan ýetim çagalar we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalar degişli däldir.

47. Şu Tertibiň kyrk altynjy böleginde bellenen birwagtlaýyn pul kömegi her ýylda okuw ýylynyň başlanmagyna bir aý galanda Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy tarapyndan bellenilen tertipde şu şertlerde we möçberlerde tölenilýär:

1) umumy bilim berýän orta mekdeplerinde okaýan ýetim çagalara we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalara - Türkmenistan boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň pes zähmet hakynyň möçberinde;

2) başlangyç, orta we ýokary hünär okuw edaralarynda okaýan ýetim çagalara we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalara - Türkmenistan boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň pes zähmet hakynyň iki essesi möçberinde;

3) okuw ýylyna ilkinji gezek gadam basýan ýetim çagalara we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalara birwagtlaýyn pul kömegi, okuw ýyly başlandan soň hem tölenilip bilner.

48. Ýetim çagalaryň we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýasy olaryň kanuny wekiline (perzentlige alana, hossaryna we howandaryna) bellenilen (doly) möçberinde tölenilýär. Kanuny wekiliň (perzentlige alana, hossaryna we howandaryna) islegi boýunça pensiýa ýaşaýan ýerine garamazdan Türkmenistanyň çägindäki banklarda açylan goýum hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilip bilner.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralary tarapyndan doly döwlet üpjünçiliginde saklanylýan ýetim çagalaryň we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýasy olaryň bankda açylýan hasabyna geçirilýär. Ýetim çagalaryň we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň bank hasabyndaky pul serişdelerine bank bilen baglaşylýan goýum (depozit) şertnamasynda bellenilen möçberde, ýöne Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen gaýtadan maliýeleşdiriş derejesinden pes bolmadyk derejede göterim hasaplanylýar.

Ýetim çagalaryň we ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň bank hasabynda saklanylýan pensiýasy kämillik ýaşyna ýetenlerinde olaryň ýüz tutmalary esasynda tölenilýär.

Bankda açylan hasaplaryna pensiýany geçirmek barada amallar, olara göterimleri hasaplap ýazmak we tölemek bank tarapyndan amala aşyrylýar.

49. Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan aradan çykan halatynda, onuň aradan çykan aýyny hem goşmak bilen, pensiýasynyň ýa-da döwlet kömek pulunyň möçberi, haýsydyr bir möhlet ýa-da möçber bilen çäklendirmezden, maşgalasynyň kämillik ýaşyndaky agzalarynyň ylalaşmagy boýunça olaryň birine tölenilýär.

Toplaýyş pensiýasyny alýan adam, atly pensiýa hasabynda toplamalary bolup, aradan çykan halatynda aradan çykanyň doly peýdalanmadyk pensiýa toplamalaryny tölemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda miraslyk hukugy boýunça mirasdara tölenilýär.

Goýum hasaby ýa-da bank karty açylan bank edarasy mirasdara goýum hasabyndan (bank kartyndan) pul möçberini, diňe aradan çykanyň pensiýa gaznasynyň ýerli edarasyna bergisiniň ýoklugy barada etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi tarapyndan berilen güwänama görkezileninden soň berýär.

Ýerli pensiýa gaznasynyň edaralary pensiýany ýa-da döwlet kömek puluny alyjynyň aradan çykandygyny ýüze çykaran halatynda hyzmat edýän bankyna onuň goýum ýa-da bank kartynyň hasabyny togtatmak barada ýazmaça habar berýär.

Pensiýasyny, döwlet kömek puluny we toplaýyş pensiýasyny özüniň goýum hasabynyň ýa-da bank kartynyň üsti bilen alýan adam aradan çykan halatynda, onuň aradan çykan aýynyň yz ýanyndaky aýyň 1-nden soň goýum hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilen artyk pul serişdeleriniň möçberi pensiýanyň, kömek pulunyň goýum hasabyna ýa-da bank kartyna soňky töleg geçirilen aýynyň ahyryna çenli kesgitlenilýär we Türkmenistanyň Raýat kodeksinde bellenen tertibe laýyklykda mirasdar tarapyndan miras kabul edileninden soň gaýtarylmaga degişlidir.

Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanyň goýum hasabyna ýa-da bank kartyna, onuň aradan çykanyndan soň geçirilen pul möçberi mirasdar tarapyndan gaýtarylmalydyr. Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan adam aradan çykan ýagdaýynda, nädogry tölenilen ýa-da bank hasabyna nädogry geçirilen, gaýtarylmaga degişli puluň gaýtarylmagyna hyzmat edýän bank ýardam berýär.

Artyk geçirilen pensiýa ýa-da döwlet kömek pulynyň möçberi mirasdar tarapyndan gaýtarylyp berilmedik halatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde onuň öwezi dolunmaga degişlidir.

50. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly çaganyň doglan gününden başlap üç ýaşyna çenli tölenilýär.

Eger enesi we (ýa-da) atasy aradan çykan, ölen diýip yglan edilen, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen, ata-enelik hukuklary çäklendirilen, nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen, kämillik ukyby ýok (çäklendirilen) diýlip ykrar edilen bolsa, saglyk ýagdaýlary boýunça hut özleriniň çagany terbiýelemäge we ekläp saklamaga mümkinçilikleri bolmasa, azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany ýerine ýetirýän edarasynda jezasyny çekýän bolsa, çagany terbiýelemekden ýa-da onuň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan boýun gaçyrýan ýa-da öz çagasyny terbiýe berilýän, bejergi alynýan we beýleki şonuň ýaly edaralardan almakdan ýüz dönderen halatlarynda, oňa hakykatdan seretmegi amala aşyrýan beýleki garyndaşlaryna tölenýär.

Ýöne enesiniň we (ýa-da) atasynyň aradan çykan gününden ýa-da degişli çözgüdiň (kazyýetiň çözgüdiniň, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdiniň, saglygy goraýyş edarasynyň netijenamasynyň) çykarylan gününden çaganyň üç ýaşyna çenli tölenilýär.

51. Döwlet kömek pullarynyň tölenilmegi şu aşakdaky ýagdaýlar ýüze çykan aýynyň yz ýanyndaky aýyň 1-inden bes edilýär:

1) döwlet kömek puluny alýan adam hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden daşyna gidende;

2) maýyplygy bolan çaga 18 ýaşyna ýetende we oňa çagalykdan maýyplyk boýunça döwlet kömek puly bellenilende;

3) döwlet kömek puluny alýan adama pensiýa bellenilende;

4) çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly bellenilen çaganyň üç ýaşy dolanda ýa-da ol aradan çykanda;

5) HMAT-yň maýyplygy ykrar etmek hakynda netijenamasynyň möhleti gutaranda;

6) döwlet kömek puluny alýan adam aradan çykanda.

52. Saglygy goraýyş edaralary, geňeşler her aýyň 25-ne çenli etrabyň (şäheriň) çäginde aradan çykan raýatlar barada ýerli pensiýa gaznasynyň bölümine resmi, anyk maglumat bermelidir.

## IV bap. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň etrap (şäher) bölümleri tarapyndan amala aşyrylýan pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň tölenilmegi bilen bagly resminamalary resmileşdirmek

53. Etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleriniň pensiýalary we döwlet kömek pullaryny bellemek baradaky toparynyň çözgütleriniň esasynda pensiýa we döwlet kömek puluny alýanlaryň her birine degişliligi boýunça elektron görnüşinde atly hasap (şu Tertibe 7-nji goşundy) açylýar we ýöredilýär.

Pensiýa (döwlet kömek puly) işiniň içindäki resminamalaryň we pensiýanyň (döwlet kömek pulunyň) hasaplamalaryna täsir edip biljek beýleki resminamalaryň

esasynda (şol sanda geçen döwür üçin) Atly hasapda bellenen pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň möçberiniň hasaplanylmagy amala aşyrylýar, şol sanda:

1) pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň bellenilendigi ýa-da beýleki görnüşine geçirilendigi barada Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralarynyň çözgüdi;

2) pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň möçberiniň gaýtadan hasaplanylmagy we indeksirlenmegi barada Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralarynyň çözgüdi;

3) adam HMAT-dan geçenden soň (maýyplygynyň toparynyň üýtgemegi)

ýa-da ekleýjisini ýitireniň maşgala sanynyň üýtgemegi (18 ýaşynyň dolmagy) bilen baglanyşykly pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň möçberiniň üýtgemekligi sebäpli tölegi saklamak, dikeltmek, möhletini uzaltmak barada Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralarynyň çözgüdi;

4) pensiýa, döwlet kömek puluny alýanyň ýazmaça razylygy boýunça, kazyýetiň çözgütleriniň esasynda (ýetirilen maddy zyýanyň öwezini dolmak, aliment tölemek) we artyk tölenen möçberini tutup galmak üçin esaslar;

5) birwagtlaýyn pul sylaglaryny bermek barada (pensiýa, döwlet kömek puluny alýanlara 62 ýaşynyň dolmagy bilen, halkara zenanlar güni bilen baglanyşykly) Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralarynyň çözgüdi girizilýär.

Pensiýa we döwlet kömek puluny alýanlara pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan töleg sanawy (şu Tertibe 8-nji goşundy) düzülýär.

54. Pensiýalar, döwlet kömek pullary Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralary tarapyndan banklaryň (gowşurylýan ýerler boýunça) şahamçalaryna bölmek bilen berilýän töleg sanawlarynyň esasynda banklar tarapyndan tölenilýär.

55. Töleg sanawlary Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralary tarapyndan tölegleriň görnüşleri we pensiýa (döwlet kömek puluny) alýanlaryň toparlary boýunça her aýda düzülýär. Geçen döwürde alynmadyk pensiýalar, döwlet kömek pullary we birwagtlaýyn tölegler üçin goşmaça töleg sanawlary iberilýär. Geçen döwürde alynmadyk 62 ýaşynyň dolmagy bilen baglanyşykly birwagtlaýyn pul sylagy bellenen möçberde töleg sanawlary bilen banklara iberilýär. Töleg sanawy töleg resminamasy hökmünde bolup, onda pensiýa (döwlet kömek puluny) alýanlar gol çekýärler.

56. Töleg sanawlary boýunça pensiýalary, döwlet kömek pullaryny tölemek üçin Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralary her töleg geçirilýän aýynyň 1-ine çenli töleýji banka töleg resminamalarynyň toplumyny iberýär. Ol töleg sanawyndan (aýyň 20-sine çenli goşmaça töleg sanawy), bank bölüminiň şahamçasy boýunça sanaw-hasabatyndan (şu Tertibe 9-njy goşundy), töleg üçin töleg sanawlary (şu Tertibe 10-njy goşundy) we bank bölümi üçin berlen töleg sanawynyň goşulýan ýazgysyndan (şu Tertibe 11-nji goşundy) ybaratdyr.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralary Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanlaryň goýum hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilýän tölegleriň sanawyny (şu Tertibe 12-nji goşundy) taýýarlaýar we kagyz görnüşinde 2 nusgada hem-de elektron göterijide banklara tabşyrýar. Pensiýa ýa-da döwlet

kömek puluny alýanlaryň hasabyna geçirmek üçin kabul edilip alnandygy barada bankyň jogapkär işgäri sanawyň bir nusgasynda bellik edip pensiýa gaznasynyň işgärine berýär.

57. Töleg resminamalaryny we hasabatlary, töleg sanawyň (goşmaça töleg sanawyň) kesilip gaýtarylýan bölegi) banklar tarapyndan töleg geçirilen aýynyň 23-den gijä galman Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerlerdäki edaralaryna gaýtarylyp berilýär.

58. Töleýji bankyň jogapkär ýerine ýetirijisi pensiýalary, döwlet kömek pullaryny tölemek baradaky resminamalary kabul etmek bilen, töleg sanawyň, goşulýan ýazgylaryň we sanawlaryň dogry resmileşdirilendigini, olarda etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölüminiň wezipeli adamlarynyň gollarynyň we möhürleriň bardygyny barlaýar, şondan soň töleg sanawlaryna we sanawlara goşulýan ýazgylaryň ikinji nusgasyna gol çekýär we etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine gaýtarýar.

59. Goşulýan ýazgylar, sanawlar töleg sanawlary bilen deňeşdirilip barlananda tapawutlar ýüze çykarylan halatynda, bu resminamalar haýal etmän etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümine gaýtarylýar. Şonda resminamalaryň yzyna gaýtarylmagynyň sebäpleri görkezilýär.

60. Töleg döwründe aýry-aýry pensiýa, döwlet kömek puluny alýanlara pensiýany, döwlet kömek puluny tölemegi togtatmak zerurlygy ýüze çykanda, etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümi töleýji banka aýyrmak baradaky bir gezeklik goşmaça sanawy (şu Tertibe 13-nji goşundy) we tölegi bes etmegiň töleg sanawlary (şu Tertibe 14-nji goşundy) iberýär.

61. Banklar raýatlara pensiýalary, döwlet kömek pullaryny tölemegi, maddalara bölünişini göz öňünde tutmak bilen, görkezilen tölegler üçin gelip gowşan serişdelerden amala aşyrýarlar. Şunuň ýaly tölegler Banklar bilen Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň özara ylalaşmagy esasynda soňra öweziniň dolunmagy şertlerinde banklaryň öz serişdeleriniň hasabyna hem maliýeleşdirilip bilner.

62. Töleg geçirilýän aýynda haýsydyr bir sebäbe görä alynmadyk pensiýanyň, döwlet kömek pulunyň möçberleri banklar tarapyndan bank hasabatynyň tabşyrylan güni, sanawa laýyklykda maddalar boýunça görkezmek bilen, doly möçberde etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleriniň bankdaky pensiýalary we döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmeklige niýetlenen hasabyna gaýtarylmaga degişlidir.

Pensiýa alyjylara tölenilmedik toplaýyş pensiýalarynyň we pensiýa toplamalarynyň möçberleri banklar tarapyndan bank hasabatynyň tabşyrylan güni doly möçberde etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň hasabyna gaýtarylmaga degişlidir.

63. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň banklar bilen baglaşylan şertnamasynyň esasynda, tölenilýän pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň tölenen möçberleriniň 0,8 göterimi (goşulan baha üçin salgydy hasaba almak bilen) möçberinde, toplaýyş pensiýasynyň hem-de pensiýa toplamalarynyň tölenen möçberiniň (goşulan baha üçin salgydy hasaba almak bilen) 0,1 göterimi

möçberinde bank hyzmatlary üçin tölegleri bank hasabaty berlen gününden soň pensiýa gaznasynyň bölümleri tarapyndan her aýda geçirýärler.

Pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanlar goýum hasaplaryndan ýa-da bank kartlaryndan töleg edenlerinde hyzmatlar üçin tutumlar banklar tarapyndan amala aşyrylýar.

Banklar Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna geçirilýän döwlet kömek pullarynyň, birwagtlaýyn pul sylaglarynyň we birwagtlaýyn pul kömeginiň töleglerini geçirmek bilen baglanyşykly hyzmatlary muzdsuz amala aşyrýarlar.

64. Pensiýadan, döwlet kömek pulundan tutup galmak ony alýanyň ýazmaça razylygy boýunça, kazyýetiň çözgütleriniň, kesgitlemeleriniň, kararlarynyň we hökümleriniň (emläkden tutup almak babatynda), döwlet notarial edaralarynyň ýerine ýetiriş ýazgylarynyň we ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, kazyýetiň çözgütlerini ýerine ýetirmek üçin bellenilen tertipde geçirilýän, beýleki çözgütleriň esasynda geçirilýär.

Pensiýadan tutup galmak pensiýa alýana tölenilmäge degişli möçberden geçirilýär.

Pensiýadan bir aýda tutup galmalaryň ähli görnüşleriniň umumy möçberi, şertli-toplaýyş pensiýa usuly we toplaýyş pensiýa usuly boýunça bir aýda tölenilýän pensiýanyň jeminiň möçberiniň 50 göteriminden köp bolmaly däldir.

Pensiýa alýan aradan çykan halatynda, pensiýadan tutup galmaga degişli berginiň üzülmedik bölegi, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde töletdirilýär.

Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden göçüp gidýän pensiýa alýanyň bergisi, oňa tölenilmäge degişli pensiýanyň möçberinden we pensiýa toplamalarynyň möçberinden tutulýar. Eger bergini tölemek üçin pensiýanyň we pensiýa toplamalaryň möçberi ýetmese, bergi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde töletdirilýär.

Çaga doglanda berilýän döwlet kömek pulundan, çaga seretmek boýunça döwlet kömek pulundan tutup galmak geçirilmeýär.

65. Pensiýa alýan tarapyndan görnetin ýalňyş maglumatlaryň berilmegi netijesinde, artyk tölenen pensiýanyň möçberini tutup galmak, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasy tarapyndan özüniň kabul eden kararyna laýyklykda tölenilýän pensiýanyň möçberinden geçirilýär.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynyň, iş berijileriň ýa-da banklaryň wezipeli adamlarynyň günäsi bilen artyk tölenilen pensiýanyň pul möçberiniň öwezi, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde dolunýar.

Artyk tölenilen pensiýalaryň tutulyp alnan pul möçberi, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň býujetine geçirilýär.

66. Döwlet kömek puluny alýan tarapyndan görnetin ýalňyş maglumatlaryň berilmegi netijesinde, artyk tölenen kömek pulunyň möçberini tutup galmak Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasy tarapyndan tölenilýän döwlet kömek pulunyň möçberinden ýa-da öz çözgüdi esasynda iş beriji tarapyndan - onuň zähmet hakynyň möçberinden geçirilýär.

